Şu gün — 2-nji iýunda Aşgabat şäher häkimliginiň «Mekan» köşgünde mekdep okuwçylaryny Köpetdagyň ajaýyp dag eteklerinde ýerleşýän Gökderedäki çagalar sagaldyş merkezlerine ugratmak dabarasy geçirildi. Ir säherden aýdym-sazlara beslenen dabara dynç alşa ugradyljak çagalar we olaryň hossarlary, köp sanly myhmanlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.
Körpe nesilleriň ýerine ýetirmeginde ýaňlanan şirin owazlar, çagalar folklor we tans toparlarynyň çykyşlary ýatdan çykmajak täsirleri galdyrdy. Aýdym-sazly çykyşlardan soň, mekdep okuwçylary bezelen awtobuslaryň kerwenine tarap ugradylar. Olar tiz wagtdan bellenen ýere — dynç alyş merkezlerine bardylar. Bu ýerde çagalary mähirli garşyladylar, olara baýramçylyk süýjülikleri hödürlenildi, dynç alyş çäreleri guraldy.
Ýeri gelende bellesek, döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň Bilim, Medeniýet, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrlikleriniň, Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, jemgyýetçilik guramalarynyň hünärmenleri çagalaryň tomusky dynç alşyny guramaga hemmetaraplaýyn taýýarlyk gördüler. Şunda çagalar üçin ýörite medeni-dynç alyş maksatnamasynyň taýýarlanylandygyny nygtamak gerek.

***«THE ASHGABAT TIMES».***



Все права защищены






Все права защищены